# Ak atly şazadam haçan gelersiñ

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ak atly şazadam haçan gelersiñ AK ATLY ŞAZADAM HAÇAN GELERSIÑ



*(Söýgülisi türke işe giden gyzyň dilinden)*
Il şekilli bolsun diýip toýumyz,
Il deňinde türke giden söýgülim,

Köçäniň başynda bolar öýümiz,
Diýip näçe arzuw eden söýgülim.

Ondan bäri geçdi aý-ýyllar durman,
Men oňup bilemok gül ýüzüň görmän,
Sensiz aýralykda ýykylyp barýan,
Türk ilinde nirä ýitdiň söýgülim.

Göwnümi beremsoň başda birine,
Indi göz aýlamok başga birine,
Gelin bolup geçmekçidim törüňe,
Gözüm ýolda garrap gitdim söýgülim.

Adyn pynhan saklap, gizläp goýanym,
Janym nirde bolsaň özüň aýagyn,
Gyşyk bassaň döwülsin-dä aýagyň,
Gaýdyp aldym, toba etdim, söýgülim.

Seni hemmelerden beýik görerdim,
Her toýda ak fata geýip görerdim,
Ak atly şazadam diýip ýörerdim,
Ah, nämüçin gelmän geçdiň söýgülim.

Isgender MÄLIK. Goşgular